# Burkanyň gaýdyp gelmegi

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Burkanyň gaýdyp gelmegi BURKANYŇ GAÝDYP GELMEGI




«Men aýdypdym-a!» sözi žurnalistleriň we telewizion kommentatorlaryň iň halaýan sözleriniň biri.
Ýeri gelende, eger siz rugsat berseňiz, menem şu sözi şu ýerde ulanmak isleýärin. Geçen tomus Talibanyň häkimiýete dolanyp gelmeginden soň köp sanly göni efirden berilýän telegepleşiklerde möwsümlik owganşynas hünärmenleriň arasynda jedel giden bolsa, men olaryň tersine, Talibanyň üýtgemändigini we häkimiýete ymykly ornaşandan soň öňki gadagançylyklaryny täzeden ýola goýjagyny aýdypdym.
Aýdyşym ýaly-da, Talibanyň Ýagşylyklary ýaýmak we ýamanlyklaryň öňüni almak boýunça ministrligi 7-nji maýda çap eden kararynda ähli aýal-gyzlaryň öýlerinden daşarda burka geýmegi hökmany talaba öwürdi.



Talabalaýyk gezmedik aýal-gyzlaryň erkek hossarlary – kakasy ýa-da äri jerime edilýär ýa-da tussag edilýär, ýa bolmasa haýsydyr bir edarada işleýän bolsa, işinden çykarylýar.

(«Möwsümlik hünärmen diýmek bilen, belli bir wagtlap haýsy mesele üns merkezinde bolsa, şondan baş çykaransyraýan we ekrandan ekrana ylgaýan, köpçüligiñ ýakyndan tanaýan, atlarynyñ öñünde «professor», «doktor», «otstawkadaky general», «pensioner ilçi» ýaly atlar bolan size tanyş adamlary göz öñüne tutýaryn. Elbetde, ugry boýunça hakykatdanam güýçli az sanly hakyky hünärmenlere hormatym uly).

Taliban häkimiýete gelenden soñ ilkinji nobatda altynjy synpdan ýokarda okadýan ähli gyzlaryñ okuwyny ýatyrdy, muña tutaryk hökmünde-de ýokary synplaryñ taýýar däldigini, ýöne öñümizdäki ýyldan başlap gyzlaryñ okuwyna rugsat beriljegini mälim etdi.

Emma 2022-nji ýylyñ martynda täze okuw ýyly başlanda müñlerçe gyz mekdebiñ howlusyndan yzyna gaýtarypdy.

Gyzlar aglaý-aglaý öýlerije dolandy. Ýapyk mekdepleriñ öñünde çykyş eden gyzlaryñ biriniñ elindäki bannerde ýazylan sözler gözüñi egleýärdi:

***«Hemme zadymyzy, azatlygymyzy elimizden aldyñyz, iñ bolmanda okamagymyza bir rugsat beriñ!»***

Muña derek Talibanyñ Talibanyñ Ýagşylyklary ýaýmak we ýamanlyklaryñ öñüni almak boýunça ministriniñ sosial mediýada paýlaşan ýazgysynda puştunça»Khıza ya kûra, ya gura!» (Gyz – ýa öýe, ýa mazara!» diýen sözler bardy.

Başgaça aýdanda, Talibanyñ düşünjesine görä kämillik ýaşyna ýetmedik aýal-gyzyñ gidip biljek iki ýerinden biri öýi, beýlekisi-de mazar.



Burka mejburylygy Owganystanda aýal-gyzlar üçin öñem juda muşakgatly durmuşy hasam çekip-çydamaz ýaly ýagdaýa getirýär. Köp sanly sowatly we eli işli aýal-gyz daşary ýurda gaçan bolsa, ýurduñ içinde galan az sanly aýal-gyzyñ işleme mümkinçiligi-de şu karar arkaly elinden alyndy.

Adyny aýtmakdan saklanan owganystanly zenan aklawjylaryñ biri

«Taliban hamana ýurduň beýleki wawwaly meseleleri çözülip gutaran ýaly biziň bilen gidişýär. Biziň bilen gidişmän, işsizligi we açlyk problemasyny çözsünler! Maşgalalar açlyga çydaman çagalaryny satuwa çykarýar» diýýär.
Biçüwi birmahalky koka-kola çüýşelerini ýatladýan burka hernäçe Owganystanda aýal-gyz hak-hukuklaryna girizilen çäklendirmeleriň simwolyna öwrülenem bolsa, aslynda birmahalyň zamananaplygyny we şäher ýaşaýyş-durmuş formasyny sypatlandyrýardy.
Hawa, onlarça halkyň ýaşaýan Owganystanynda hiç bir etniki toparda burka diýen zat ýok.
Obalarda aýal-gyzlar kellelerini ýeňiljek ýaglykdyr çabyrlar bilen ýapyp, agaýana gezip bilýärdi. Burka 60-njy ýyllardan bäri şäherlerde göze ilmäge başlady.
Burka şol ýyllarda Owganystana arap dünýäsinden gelipdi we belli bir derejede täzeligi, döwrebaplygy alamatlandyrýardy.
Şonuň üçinem şäherlerde ýokary wezipeli işgärleriň gelşikli we jalaý aýallary burka ulanýardylar.




*Fotosurat: Lowell Thomas / Harry A.Chase*
Öz çagalygymdan ýadyma düşýär: biziň obamyzdaky türkmen aýal-gyzlary hiç mahalam burka geýmändi we ýolda-yzda erkekler bilen gabatlaşanda ýüzlerini esgi (ýaşmak) diýilýän tradision

ýapynjalarynyň ujy bilen ýukajyk ýapardylar.
Puştun aýal-gyzlary bolsa tradision we elin dokalan ýaşmaklary bilen arkaýyn gezerdiler. Şumadam kuçi diýilýän çarwa puştun taýpasynyň aýal-gyzlary burka geýenok.
Talibanyň 90-njy ýyllardaky birinji häkimiýetinde dünýä jemgyýetçiliginiň üns merkezine dikilen burka adamyň dünýägaraýşyny çäklendirýän we jokrama yssyda demikdiriji ýagdaýa salýan örtgä öwrüldi.
60-njy ýyllarda ýoň görnüşinde başlan burka soňky ýyllarda, aýratynam graždanlyk urşy ýyllarynda hökmany düzgüne girizildi.
Aslynda şol döwür aýal-gyzlary burka geýmäge mejbur edýän düzgünem ýokdy, ýöne aýallar gyýa gözden goranmak, her öňýeteniň ünsüni özüne çekmezlik üçin burka geýýärdiler.
90-njy ýyllaryň başyndaky anarhiýa döwründe ýaş we görmegeý aýal-gyzlar alnyp gaçylýardy hem-de zorlanýardy.
Burka aýal-gyzy boýdan-başa ýapýanlygyndan, onuň aňyrsyndaky zenanyň ýaşyny fa-da boý-syratyny çaklamak mümkin däl.
Şonuň üçin howply anarhiýa döwürlerinde burka aýal-gyzlar üçin şol bir wagtyň özünde goraýjy galkan wezipesini-de ýerine ýetirdi.




Taliban dünýä jemgyýetçiligi Ukraina urşy ýaly iňňän derwaýys mesele bilen başagaý bolup ýörkä, Owganystanda aýal-gyzlara hiç kimiň gaňrylyp seretmejegini bilýär, şonuň üçin dünýäden güýçli garşylyga garaşmaýşy ýaly gelip biläýjekleri-de äwip duranok.
Öňräk ara gürrüňi edilen, Owganystanda giň gerimli täze döwlet ylalaşygy hökümetini gurmak ähtimallygy-da Talibanyň pikirinde ýok.

Dünýä jemgyýetçiligi, hususanam Günbatar Owganystanda diñe DAIŞ täzeden ot gorsamaga başlanda bu ýurt bilen gyzyklanyp biler, ýogsam bolmasa, owgan halkynyñ ahy-nalasy hiç kimiñ piñine bolmaz.
Emma Owganystan meselesi düýpli çözülmedik ýagdaýynda üýşen zir-zibil üýşürilen zibilhananyñ ýanyşy ýaly ýangynyñ döremegine getirip biler.
Eýranda we Türkiýede barha artýan owgan bosguny DAIŞ-iñ Owganystandaky teraktlary, artýan neşe ekini tutuş sebiti we dünýäni täsiri astyna aljak uly howpa yşarat edýär.
Suw señrikden agansoñ näme edilende-de peýdasy bolmaz.

Esedulla OGUZ,

Türkiýeli türkmen žurnalisti.

Duşenbe, 16.05.2022 ý. Publisistika